**“TASSYKLANYLDY”**
**“10” 02 2023 ýyl 01/5 belgili**
**“Türkmen Awtoban” ÝGPJ buýrugy bilen**

«TÜRKMEN AWTOBAN» «TURKMEN AUTOBAHN»

**“Türkmen Awtoban” ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň ýokary tizlikli awtomobil ýolundan tölegli peýdalanmak üçin şertnama**

## Şertnamanyň mazmuny

1. Ýokary tizlikli awtomobil ýolundan tölegli peýdalanmak üçin şu Şertnama (mundan beýläk – “şertnama”) Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 343 maddasyna laýyklykda köpçülikleýin oferta bolup durýar.
2. Şertnama laýyklykda “Türkmen Awtoban” ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti (mundan beýläk – “operator”) ýokary tizlikli awtomobil ýolundan tölegli peýdalanmak mümkinçiligi ulanyja bermäge borçlanýar, ulanyjy bolsa, şertnamada göz öňünde tutulan tertipde tölegi öz wagtynda geçirmäge borçlanýar. Hyzmatlar Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyny, şol sanda Türkmenistanyň raýat kodeksini ,“Awtomobil ýollary we ýol işi hakynda” kanuny berjaý etmek bilen ýerine ýetirilýär.
3. Aşakdaky ýagdaýlarda ulanyjy operator bilen şertnamany Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň kadalarynyň esasynda baglaşýar (ýagny, ofertany kabul edýär):
   3.1. Ýokary tizlikli awtomobil ýolunda herekete başlanda;
   3.2. Ulanyjy elektron töleg enjamy (T-pass Transponderi) satyn almak-satmak ýa-da ulanmak şertnamasy boýunça alanda, operatoryň tölegi almagyň ýeke-täk ulgamynda bellige alnanda we hasabyna tölegiň deslapky möçberi geçirilende;
   3.3. Geçelge talony (mundan beýläk - Petek) alanda;
4. Ulanyjy tarapyndan ýokarda görkezilen usullaryň biri bilen şertnamanyň baglaşylmagy, ulanyjynyň şertnamanyň degişli düzgünleri bilen tanyşandygyny we öz razylygyny bildirendigini aňladýar.
5. Operatoryň aşakdakylara hukugy ýok:
   5.1. Şertnamany baglaşmak babatda bir ulanyja beýlekilerden artykmaç hukuk bermage;
   5.2. Ulanyjy bilen şertnamany baglaşmakdan ýüz öwürmäge.
6. Şertnama boýunça operator aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:
   6.1 Nagt pul serişdeleri we bank kartlary bilen töleg geçirilen ýagdaýynda, ýokary tizlikli awtomobil ýolundan peýdalanmak we gatnamak üçin hukuk berýär we tölegleri ýygnaýar;
   6.2 Elektron töleg enjamyň kömegi bilen ulanyjynyň ulag serişdesiniň geçelgesi bellige alnandan soň ulanyjynyň hasabyndan pul serişdeleri almak arkaly ýa-da deslapky geçelge töleg resminamasyny resmileşdirmek arkaly tölegi alýar;
   6.3 Ulag serişdesiniň soňky geçelgesi bellige alnan pursatyndan elektron töleg enjamyň üsi bilen we petegi ulanmazdan, amala aşyrylan geçelge üçin tölegi alýar.

## 2. Taraplaryň borçlary we jogapkärçiligi

7. Operator we ulanyjy şertnamany ýerine ýetirende, şertnamanyň ähli şertlerini we Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmäge borçlanýarlar.
8. Ulanyjy ýokary tizlikli awtomobil ýolundan peýdalananda ýol hereketiň düzgünlerini berjaý etmäge borçlanýar.
9. Operator, ulanyjy tarapyndan düzgünleriniň bozulmagy netijesinde üçünji taraplaryň ulag serişdesine, islendik gaýry emlägine, ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýan üçin jogapkärçiligi çekmeýär.
10. Operator ulanyja ýokary tizlikli awtomobil ýolundan peýdalanmagyň hyzmatlary barada doly we takyk maglumaty habar berýär.
11. Ulanyjy operatora hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly bolan ýazmaça ýüzlenmäni ugratmaga hukukly. Munuň ýaly ýüzlenmeler ulanyjy tarapyndan operatora internet-saýtda görkezilen operatoryň elektron poçtasynyň salgysyna ýa-da operatoryň ýerleşýän ýeriniň salgysy boýunça ugradylýar: Türkmenistan, Aşgabat ş., Gahryman A.Nyýazow şaýoly, 174.

    Hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly bolan ulanyjylaryň nägileliklerine hereket edýän kanunçylyk esasynda seredilýär.
12. Taraplaryň gaýry borçlary, şeýle hem taraplaryň jogapkärçiligi hereket edýän kanunçylyk bilen kesgitlenýär.

## 3. Ýokary tizlikli awtomobil ýolundan peýdalanmak we gatnamak üçin töleg

13. Ýokary tizlikli awtomobil ýolundan peýdalanmak we gatnamak üçin töleg operator tarapyndan aşakdaky gşrnüşde kesgitlenýär:

Aşgabat-Tejen bölegi (0-200,94 km)

| T/b | Awtoulag serişdesiniň görnüşi | 1 (bir) km ýol üçin ugur alnan tölegiň ortaça möçberi | Tölegli geçelgeleriň aralygy boýunça tölegiň tegelenen möçberi | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Aşgabat -Änew (1,56–23,4 km) 21,84 km | Änew – Ýaşlyk (23,4–65,1 km) 41,7 km | Ýaşlyk – Artyk (65,1–100,5 km) 35,4 km | Artyk – Kaka (100,5–139 km) 38,5 km | Kaka – Tejen (139–202,5 km) 63,5 km | Jemi töleg aralygy 200,94 km |
| 1 | 4 (dört) we ondan köp oky bolan ulag serişdeleri, şol sanda treýlerler | 0,45 | 10 | 19 | 16 | 17 | 29 | 91 |
| 2 | 2 (iki) we ondan köp oky, 3 (üç) metr beýikligi ýa-da agramy 3,5 tonnadan | 0,42 | 9 | 18 | 15 | 16 | 27 | 85 |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | ýokary bolan ýük awtoulaglary we awtobuslar | | | | | | | |
| 3 | Umumy beýikligi 2 (iki) we 3 (üç) metre çenli, agramy 3,5 tonna çenli bolan ýeňil awtoulaglar we olaryň tirkegleri | 0,35 | 8 | 15 | 12 | 13 | 22 | 70 |

14. Töleg hakynda maglumat umumy elýeter bolup durýar we tanyşmak üçin şahamçanyň töleg alynýan nokatlarynda, hyzmat merkezlerinde (nokatlarynda) kagyz göterijilerde, şeýle hem operatoryň www.turkmenawtoban.com internet-saýtynda elektron görnüşinde alnyp bilinýär.
15. Ýokary tizlikli awtomobil ýolundan peýdalanmak we gatnamak üçin tölegiň möçberi operator tarapyndan üýtgedilip biliner.

## 4. Ýokary tizlikli awtomobil ýolundan peýdalanmak we gatnamak üçin tölegleri tölemegiň görnüşleri.

16. Ulanyjy tarapyndan aşakdaky usullarda töleg geçirilip biliner:
    16.1 Nagt pul serişdeleri ýa-da bank kartlary bilen;
    16.2 Elektron töleg enjamy ulanmak bilen ulanyjynyň ulag serişdesiniň geçelgesi bellige alnan pursatyndan ulanyjynyň hasabyndan serişdeleri almak bilen;
    16.3 Petegi satyn almak bilen;
17 Operatoryň tölemegiň başga usullaryny kesgitlemäge hukugy bardyr.
18 Operator elektron töleg enjamyndan peýdalanýan ulanyjylara hereketiniň ýygylygyna we yzygiderliligine baglylykda töleg boýunça arzanladyşlardan peýdalanmak mümkinçiligini berýär.

## 5. Elektron töleg enjamy.

19 Bu bölüm ulanyjy tarapyndan elektron töleg enjamyň kömegi bilen tölenilen hyzmatlara degişlilikde ulanylýar.
20 Operatoryň ýokary tizlikli awtomobil ýolundan we hyzmatlaryndan peýdalanmaga hukuk berýän elektron töleg enjamy, "Türkmen Awtoban" ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň şahamçasynda müşderileri satyn almak-satmak şernamasy esasynda üpjün edilýär.
21 Elektron töleg enjamynyň bahasy, hyzmatlaryň görnüşleri we beýleki şertler satyn almak-satmak şernamasynda kesgitlenýär.

## 6. Jedelleri çözmek

22. Operatoryň we ulanyjynyň arasynda hyzmatlary ýerine ýetirmek we töleg tölemek bilen bagly bolan jedel ýüze çykan ýagdaýynda, taraplar ýazmaça görnüşde nägilelik ugratmaga borçlanýar. Bildirilen nägilelik 30 (otuz) senenama günüň dowamynda seredilmeli we jogap berilmeli. Jedel iki tarapyň ylalaşygy netijesinde çözülmese, Türkmenistanyň kazyýet edaralarynda seredilmäge degişlidir.

## 7. Şertnamany üýtgetmek we ýatyrmak

23. Operator şertnamany täze rejede tassyklamak arkaly, şeýle hem şertnamanyň üýtgetmelerini we goşmaçalyryny tassyklamak arkaly şertnamanyň düzgünlerine islendik üýtgetmeleri girizmek hukugyny saklap galýar.
24. Ulanyja, şertnama girizilýan üýtgetmeler hakynda operatoryň internet-saýtyna ýerleşdirmek arkaly habar berilýär. Munuň ýaly ýerleşdirme pursatyndan şertnamanyň täze rejede düzgünleri güýje giren hasaplanylýar.
25. Şertnama täze rejede güýje giren pursatyndan ulanyjylar ýokary tizlikli awtomobil ýolundan peýdalananda şertnamanyň täze rejesinden goldanmaga borçlanýarlar.
26. Elektron töleg enjamyny ulanyjy şertnama girizilýän üýtgetmeler bilen ylalaşmaýan bolsa, girizilýän üýtgetmeler hakynda habar berlen pursatyndan 10 (on) senenama günüň dowamynda şertnamany üýtgetmek hakynda arzany ugratmak arkaly şertnamanyň ýerine ýetirilmeginden ýüz öwürmäge hukukly, garşylykly ýagdaýda ulanyjy girizilýän üýtgetmeleri kabul edýär, diýip hasaplanylar.
27. Elektron töleg enjamyny ulanyjy hyzmatlaryň ýerine ýetirilýän döwründen başga islendik wagtda degişli arzany doldurmak we bermek arkaly şertnamany ýatyrmaga hukukly.

## 8. Jemleýji düzgünler

28. Ulanyjy tarapyndan operatora şertnamany ýerine ýetirmegiň çäginde şahsy maglumatlar berlen ýagdaýynda, operator şertnamanyň hereket edýän döwründe ulanyjynyň şahsy maglumatlaryny (pasport maglumatlaryny, poçta salgysyny, habarlaşmak üçin telefon belgileri, elektron poçtanyň salgysy), şol sanda operatoryň maglumat ulgamlaryny ulanmak bilen bagly beýleki maglumatlaryny, gaýtadan işleýär (ýygnaýar, ulgamlaşdyrýar, toplaýar, saklaýar, täzeleýär, üýtgedýär, özbaşdaklygyny aýyrýar, ýok edýär).
29. Ulanyjy şertnamanyň şertleriniň taraplaryň arasyndaky ylalaşygyň netijesi bolup durýandygy we operatoryň we ulanyjynyň arasyndaky ozalky islendik gaýry dilden ýa-da ýazmaça şertliligiň ornuny tutýandygy hakynda habarly we garşylyk bildirmezden ylalaşýar.
30. Operator tarapyndan şertnamada we Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda göz öňünde tutulan islendik öz hukuklarynyň ulanylmazlygy operatoryň bu

hukuklardan peýdalanmaga isleg bildirmeýändigini ýa-da olardan ýüz öwürýändigini tassyklamaýar.

31. Ulanyjy operator tarapyndan deslapky ýazmaça razylyk bolmadyk ýagdaýynda, şertnama boýunça öz hukuklaryny we borçlaryny aýyrmaga ýa-da gaýry görnüşde geçirmäge hukuksyz.

32. Operator Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz garamagyna görä üçünji taraplaryň peýdasyna Şertnama boýunça öz hukuklaryny we borçlaryny aýyrmaga ýa-da gaýry görnüşde geçirmäge hukukly.